# Eziz Türkmenistan

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Eziz Türkmenistan EZIZ TÜRKMENISTAN



Ilde algysy kän,
Bergisi ýokdur.
Hiç kimim ýanynda egnin ýygyrmaz.
Şonuñ üçin bu gün ýüregim joşdy,
Ülkämi wasp etsin indi şygyrlam.
Gapylarmyz açyk dosty-ýar üçin,

Göwnümizem açylyşdy kem-kemden.
Hergiz göwni sahy,
el açyga,
Rysgal bilen döwlet bolýandyr hemdem.

Binalarmyz beýik,
görlen zat däl, geñ,
Tahýañ ýere gaçýar, golaýdan baksañ.
Pederleñ aýdany çyn bolup çykdy,
Arkamyzy çoýjak ýagty Gün hakda.

Çyn daýhan han boldy ~ saçagy doly,
Ak bugdaýyñ ysy urar burnuña.
Katdyńy dikeltdi,
Egnini ýazdy,
Ýyllar boýy jepa çekip surnugan.

Hannas bolma,
baý bol,
päsgel berýän ýok,
Ek,
suwar,
ýetişdir,
ýetişdir,
ýer bölüp al-da.
Pederleriñ gany hem deri siñen,
Toprak
ideg etseñ, berýär kän galla. Goşgular